**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2019-njy ýylyň 12-nji noýabryndaky**
**№123 buýrugy bilen tassyklanyldy**

# №1-kýs "Köpçülikleýin ýerleşdirme serişdäniň işi barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça GOLLANMA

## Umumy düzgünler

1. №1-kýs "Köpçülikleýin ýerleşdirme serişdäniň işi barada hasabat" formasy boýunça döwlet statistik ýyllyk hasabatyny myhmanhanalaryň we olara degişli köpçülikleýin ýerleşdirme serişdeleriň (myhmanhanalar, moteller, pansionatlar we beýlekiler) hem-de ýöriteleşen köpçülikleýin ýerleşdirme serişdeleriň (şypahana-kurort guramalar, dynç alyş guramalar, syýahatçylyk bazalary we beýlekiler) hyzmatlaryny berýän eýeçilik görnüşine we pudaklaýyn garaşlylygyna garamazdan, ýuridiki şahslar ýanwaryň 20-ne ýerleşýän ýerindäki statistiki edarasyna we özünden ýokardaky guramasyna tabşyrylýar.

2. Eger-de birleşigiň düzüminde şäherde ýa-da oba ýerinde ýerleşýän köpçülikleýin ýerleşdirme serişdeler bar bolsa, onda şäherde ýerleşýänleri üçin aýratyn we obadakylar üçin aýratyn hasabat düzülýär.

3. Gijäni geçirmek üçin enjamlaşdyrylan ýer üsti we suw ulagynyň ýerleşdirme serişdeleri boýunça guramanyň eýesi hasabat berýär.

4. Hemişelik ýagdaýda ýaşaýan ilatly köpçülikleýin ýerleşdirme serişdeler (umumy ýaşaýyş jaýlar, maýyplar we garrylar öýleri, çagalar öýleri, gimnaziýa-internatlar, mekdep-internatlar we şolara meňzeşler) hem-de hassahanalar boýunça hasabat düzülmeýär.

5. Hasabat ýylynyň ahyryna wagtlaýyn işlemedik (düýpli bejerişde, modenizirlenmede duran ýa-da başda bir sebäpli) köpçülikleýin ýerleşdirme serişde hasabatda salgy bölegini doly hem-de düýpli bejerişini (modernizirlenmesini we beýlekileri) başlanmakdan öň onuň işini häsiýetlendirýän görkezijileri doldurýar.

6. Hasabat döwrüniň bir böleginde hereket eden köpçülikleýin ýerleşdirme serişde hasabatda salgy bölegini we hereket edilen döwrüniň işini häsiýetlendirýän görkezijileri doldurýar. Ýylyň dowamynda hereket etmedik köpçülikleýin ýerleşdirme serişde hasabata salgy bölegini doldurýar we onuň bar bolan maglumatlary girizýär.

7. Maglumatlar formada görkezilen ölçeg birliklerinde (gymmatlyk görkezijileri-oturdan soň bir onluk bellik bilen, galanlary – bütin sanlarynda) görkezilýär.

## 1 BÖLÜM.
## KÖPÇÜLIKLEÝIN ÝERLEŞDIRME SERIŞDE BARADA UMUMY MAGLUMATLAR

1-nji bolümde B sütünde kodlary bellemek bilen, köpçülikleýin ýerleşdirme serişdesi barada umumy maglumatlary görkezmeli, ol aşakdakylara laýyk gelmeli:

1) köpçülikleýin ýerleşdirme serişdesiniň görnüşi;

2) myhmanhanalaryň toparlary (diňe 1.1. bendinde duran myhmanhanalar we degişli ýerleşdirme serişdeler bellenilýär);

3) hereket edýän döwri;

4) köpçülikleýin ýerleşdirme serişdesiniň ýerleşýän ýeri.

Köpçülikleýin ýerleşdirme serişdeleri myhmanhanalar we degişli ýerleşdirme serişdelerden, ýöriteleşdirilen ýerleşdirme serişdelerden ybaratdyr.

Myhmanhanalara we degişli ýerleşdirme serişdelere giň ugurly myhmanhanalary (kod 1), mebelli otaglar (kod 2), ýol ugrundaky myhmanhanalar-moteller (kod 3), pansionatlar (kod 4) ýa-da myhmanhana görnüşli başga guramalar (kod 5) degişlidir.

*Myhmanhanalara we degişli ýerleşdirme serişdeler* aşakdaky alamatlary eýeleýärler: olar nomerlerden ybarat bolýarlar we ýeketäk ýolbaşçylykda bolýarlar; berilýän hyzmatlara hem-de bar bolan enjamlara laýyklykda synplara we kategoriýalara toparlanýarlar.

Ýöriteleşdirilen ýerleşdirme serişdeler aşakdaky toparlara bölünýärler: şypahana-kurort kärhanalar (kod 6), dynç alyş öýleri (kod 7), syýahat bazalar (kod 8) hem-de ýerleşdirme serişde hökmünde enjamlaşdyrylan ýer üsti we suw ulagy (kod 9).

*Ýöriteleşdirilen ýerleşdirme serişdeler* esasan syýahatçylara ýerleşdirme hyzmatlaryndan daşary başga bir işi (mysal üçin sagaldyş, durmuş ýa-da ulag üpjünçiligi) bilen meşgullanýarlar. Ýöriteleşdirilen ýerleşdirme serişdeler aşakdaky esasy alamatlary eýeleýärler: olar ýaşaýyş otaga degişli birliklerden, kemping üçin meýdançalardan ýa-da köpçülikleýin ýatalga binalardan ybarat bolýarlar we ýeketäk baştutanlyk ýöredýärler; ýönekeý hyzmatlaryň belli bir görnüşlerini amala aşyrýarlar.

## 2 BÖLÜM.
## NOMER GORY (ÝYLYŇ AHYRYNA)

**01-nji setirde** agzalanan köpçülikleýin ýerleşdirme serişdäniň inwentar maglumatlary boýunça hasaplanylýan ähli nomerleriň sany görkezilýär.

Bir, iki, üç we olardan köp otaglardan ybarat bolup bilen wagtlaýyn ýaşamaga kärendä berilýän özbaşdak, meblirlenilen ýaşaýyş bina nomer diýlip hasaplanylýar.

**02-nji setirde** köpçülikleýin ýerleşdirme serişdäniň ähli binalaryň umumy meýdany, şol sanda kärendä berileni - **03-nji setirde** görkezilýär.

Köpçülikleýin ýerleşdirme serişdäniň umumy meýdany ähli nomerleriň meýdanynyň we kömekçi desgalaryň meýdanlarynyň (aşhanalaryň, wanna ýa-da duş otaglaryň, hajathanalaryň, ammar we durmuş otaglaryň, dälizleriň, hollaryň, westibýulleriň, myhman jaýlaryň, administatiw jaýlaryň we ş.m.), şol sanda diwara ýasalan şkaflaryň meýdanynyň, ýyl boýy ýaşamaga ýaramly bolan goşmaça gurlan ýyladylýan jaýlaryň (dalanlaryň, eýwanlaryň we başgalaryň) hem-de ýaşamaga ýaramly bolan ýyladylýan mansarda we mezoninleriň meýdanlarynyň jemleri hökmünde kesgitlenilýär.

**04-nji setirde** gelenleriň ýaşamagyna niýetlenen hemme bar bolan we göni maksatlaýyn ulanylýan nomerleriň ýaşaýyş meýdany görkezilýär.

**05-nji setirde** hasabat ýylyň ahyryna bir wagtda nomerleriň sygymlylygy, ýagny nomerleriň bar bolan umumy ýerleriň sany görkezilýär, ol ähli nomerlerde hemiselik duran krowatlaryň (ýatma ýerleriň) sany boýunça kesgitlenilýär.

Bu görkezijä aşakdakylar girmeýär:

- wagtlaýyn (goşmaça) ýerler;
- hemişe göni maksatly ulanmaýan nomerleriň ýerleri ( meselem, bufetlere we ş.m)

Bir wagtda myhmanhananyň sygymlylygy hemişelik ýerleriň sany boýynça kesgitlenilýär. Hojalykda gije-gündiz-ýerleriň sany myhmanhanadaky bar bolan ýerleriň gaznasy barada şaýatlyk edýär we öwrenilýän döwründäki bir wagtda myhmanhananyň sygymlylygyny kalendar günleriň sanyna köpelmegi bilen görkezilýär. Görkezijini myhmanhananyň ýerleri doly ulanmak şerti bilen çak edilen geçiriliş ukyby hökmünde seredilip bolar. Myhmanhananyň geçiriliş ukyby gije-gündiz-ýerleriň bar bolan sanyny tehniki arakesmelerde duran gije-gündiz-ýerleriň sanyny aýrylmak bilen kesgitlenilýär.

**3 BÖLÜM.**
**NOMERIŇ BAHASY**

Bu bölümde bellenilen tertipte tassyklanylan hereket edýän nyrhnama laýyklykda kesgitlenilýän nomeriň (bir ýerli, iki ýerli, üç ýerli we ondan köp bolanlaryň, ýarym lýuksyň, lýuksyň we apartamantleriň) bahasy görkezilýär.

Nomeriň bahasy buhgalter hasabatynyň maglumatlary boýunça statistik hasabatynda **01-nji setirde** manatda we **02-nji setirde** ABŞ-nyň dollarynda (bir ýurduň pul birligini başga ýurduň pul birliklerine geçirip hasaplamazdan) görkezilýär.Görkeziji oturdan soň bir onluk belgä çenli takyklykda görkezilýär.

**4 BÖLÜM.**
**ÝERLEŞDIRILEN ŞAHSLARYŇ GITMEGIŇ MAKSATLARY BOÝUNÇA PAÝLANYLYŞY**

**01-nji setirde** köpçülikleýin ýerleşdirme serişdesinde ýaşan, syýahatlaryň maksatlary boýynça ýerleşdirilen şahslaryň umumy sany görkezilýär. Bu görkeziji bellige alyş kitapçasy we müşderiniň ýazuw depderçesi boýunça kesgitlenilýär.

Ýerleşdirilen şahslaryň umumy sanyndan **02-nji setirde** – Türkmenistanyň raýatlary we **03-nji setirde** daşary ýurt raýatlary şol sanda bölünip görkezilýär.

**04-nji setirde** ýyl boýunça orun gije - gündiz ulanmaga berilen ýerleriň umumy sany görkezilýär, ol öňünden bellige alnan (bronirlenen) nomerleri we ýerleri goşmak bilen hakyky ulanylan hemişelik we wagtlaýyn ýerleriň sanyny görkezilýär. Köpçülikleýin ýerleşdirme serişdeleriniň belli birinde ulanmaga berilen ýerler ýyl boýunça gije-gündiz (ýatymlyk) 1 adamyň bolmagynyň ortaça dowamlylygyny müşderiň umumy sanyna köpeltmek ýoly bilen hasaplanylýär.Bu görkeziji ýaşaýjylaryň bellige alyş kitapçanyň esasynda kesgitlenilýär we gije-gündizindäki orunlary bilen hasaplanylýar. Gije-gündizindäki ýerleşdirilen ýerleriň umumy sanyndan **05-nji setirde** – Türkmenistanyň raýatlaryna we **06-njy setirde** daşary ýurt raýatlaryna berilenlere bellenilýär.

Aýratyn sütünlerinde syýahatlaryň maksatlary belleniýär:

zähmet rugsady, boş we dynç wagtyny geçirmek maksatlary - 2-nji sütünde;

iş we telekeçilik maksatlary – 3-nji sütünde;

bejeriş we sagaldyş maksatlary – 4-nji sütünde;

gaýry maksatlary - 5-nji sütünde.

Ýokarda agzalan sütünleri ýerleşdirilen şahslaryň umumy sany we olara bir gije-gündizinde berilen ýerleri düzülýär.

**5 BÖLÜM.**
**GOŞMAÇA HYZMATLAR**

Bu bölümde müşderleriň islegleri boýunça nomere/ýolhata (tapgyrnama) girmeýän köpçülikleýin ýerleşdirme serişde tarapyndan berilen goşmaça hyzmatlaryň sanawy görkezilýär.

Ýörite enjamlaşdyrylan jaýlary bilen üpjün edilen goşmaça hyzmatlar öz maksady boýunça habar beriş-tomaşa hyzmatlar toparyna we söwda-durmuş hyzmatlar toparyna bölünýärler. Her görnüş iki setirlere, onuň birisi desgalaryň we/ýa-da hyzmatlaryň sanyna, ikinjisi – olara hyzamt edilen ýerlere bölünýär.

Habar beriş-tomaşa hyzmatlar toparyna iş duşuşyklary, öwrediji maslahatlary geçirmek boýunça (sergi zaly; mejlis zaly; kinokonsert zaly we ş.m ), sport dersleri geçirmek boýunça (suw howdany; türgenleşik zaly we ş.m.), oýunlary we tomaşalary geçirmek boýunça

(kegelban; bilýard; oýun awtomatlary we stoldaky oýunlaryň zallary; karaoke-zaly we ş.m.), habar-aralyklaýyn maglumaty çalyşmagyny amala aşyrmak boýunça (internet-kafe; dürli göterijiler arkaly kitaphana) we beýleki hyzmatlary amala aşyrmak boýunça (syýahat etmek; paraşýutdan bökmek; tigirde, suw hereket ediş serişdelerinde mündürip gezdirmek; gaýa çykmak we ş.m.) ýaly maksatlaýyn hyzmatlar girýär we **01-10-njy setirlerde** görkezilýär.

Söwda-durmuş hyzmatlar toparyna jemgyýetçilik iýmitini we ownuk söwda hyzmatlaryny amala aşyrmak boýunça (restoran; bar; kafe, bufet, naharhana, ownuk söwda nokady we ş.m.), kosmetik hyzmatlary amala aşyrmak boýunça (kosmetik salony; massaž otagy; dellekhana we ş.m.) we beýleki hyzmatlary amala aşyrmak boýunça (arassalama we ütükleme ussahanasy; fotoatelýe; ownuk berejiş ussahanasy we ş.m.) ýaly maksatlaýyn hyzmatlar girýärler we **11-16-njy setirlerde** görkezilýär.

## 6 BÖLÜM.
## ULANYŞ BOÝUNÇA GIRDEJILER WE ÇYKDAJYLAR

Ýyl boýunça girdejileriň ähli möçberi **01-nji setirde** – manatda, **02-nji setirde** – ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär. Şonuň düzümine nomerleri ulanmakdan gelen girdejiler, nomeriň/ýolhatyň (tapgyrnamanyň) bahasyna girmeýän goşmaça tölegli hyzmatlardan gelen girdejiler we gaýry girdejiler girýär.

Nomerleri ulanmakdan gelen girdejiler **03-nji setirde** – manatda, **04-nji setirde** – ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär. Ulanmakdan gelen girdejilerden daşary ýurt raýatlaryna berlen ýerler üçin alnan girdejileri **05-nji setirde** – manatda, **06-njy setirde** – ABŞ-nyň dollarynda aýratyn görkezilýär. Şunda 05-nji setirde daşary ýurt raýatlaryna berlen ýerler üçin Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgüdi esasynda milli manatda amala aşyrylan töleglerden gelen girdejiler göz öňünde tutulýar.

Nomerleri ulanmakdan gelen girdejiler bellenilen tertipde tassyklanylan hereket edýän nyrhlar boýunça köpçülikleýin ýerleşdirme serişde tarapyndan hasabat ýylynda hemişelik we wagtlaýyn (goşmaça) ýerler boýunça, şeýle hem öňünden talap bildiren ýerler we nomerler üçin gelen girdejiniň jemi bolup durýar. Bu girdejileriň görnüşi hakyky gije-gündizinde berilen orunlaryň sany boýunça tölenen hasaplamalar esasynda kesgitlenilýär.

Nomeriň/ýolhatyň (tapgyrnamanyň) bahasyna girmeýän goşmaça tölegli hyzmatlardan gelen girdejiler **07-nji setirde** manatda, **08-nji setirde** – ABŞ-nyň dollarynda aýry görkezilýär.

Goşmaça tölegli hyzmatlary ýaşaýjylaryň isleglerine görä köpçülikleýin ýerleşdirme serişde tarapyndan bellenilen tertipde tassyklanylan goşmaça hyzmatlaryň sanawyna laýyklykda berilýär.

Gaýry girdejiler **09-njy setirde** manatda, **10-njy setirde** – ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär. Şolara köpçülikleýin ýerleşdirme serişdäniň hasabynda duran kömekçi kärhanalaryň işinden alnan girdejiler; ýaşaýyş däl jaýlary (restoranlary, dükanlary we ş.m.) kärendä tabşyrmakdan alnan girdejiler; hasapdan çykan emlägiň ýerlemeginden alnan girdejiler degişlidir.

03-nji, 07-nji we 09-njy setirleriň maglumatlaryň jemi 01-nji setiriň maglumatyna, 04-nji, 08-nji we 10-njy setirleriň maglumatlaryň jemi 02-nji setiriň maglumatyna deň gelmelidir.

Ulanyş boýunça hemme çykdajylar **11-nji setirde** manatda, **12-nji setirde** – ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär. Olar ýyl boýunça köpçülikleýin ýerleşdirme serişdäniň özüne düşýän doly gymmatynyň hyzmatlaryna girýärler.

Girdejiler we çykdajylar buhgalter hasabatynynyň maglumatlary boýynça bir ýurduň pul birligini başga ýurduň pul birliklerine geçirip hasaplamazdan statistik hasabatlygynda görkezilýär. Görkeziji oturdan soň bir onluk belgä çenli takyklykda görkezilýär.

**7 BÖLÜM.**
**IŞ BIRLIKLERI BARADA MAGLUMAT**

**01-nji setirde** bir ýylda ähli işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany, şolardan **02-nji setirde** utgaşdyryjylary goşmazdan görkezilýär.

**03-nji setirde** bir ýylda ähli işgärleriň zähmet haky gory, şolardan **04-nji setirde** utgaşdyryjylary goşmazdan görkezilýär.

**Durmuş statistikasy müdirligi**